# Torgaý

Category: Çagalar edebiýaty,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Torgaý Torgaý
(basnýa)

Torgaý joşa gelip, gökde pel-pelläp,
Bir eser döretdi ençeme günläp.

Galamdaşlar üýşüp okap gördüler,
Halap, neşirýaty salgy berdiler.

Ýöne neşirçimiz al kekeç horaz,
Okap, iki-baka gobsundy garaz.

Soňam agram salan bolup özüne,
Hälki golýazmany berdi yzyna.

Sebäp oň içinde dary ýokmuşyn,
Şoň üçin eseriň ugry ýokmyşyn.

***
Göwnüni tapmasaň käbir ýeseriň,
Kitap bolup çykmaz ýazan eseriň. Çagalar edebiýaty